# Gitleriñ Ismet Inönä ýazan haty

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gitleriñ Ismet Inönä ýazan haty GITLERIÑ ISMET INÖNÄ ÝAZAN HATY

1939-njy ýylyñ 1-nji sentýabrynda ir sagat 5:45-de nemes goşunlarynyñ Polşa çozmagy bilen başlap, 1945-nji ýylyñ 2-nji sentýabrynda Ýaponiýanyñ boýun egýändigi baradaky akta gol çekilmegi bilen tamamlanan Ikinji jahan urşunda Germaniýanyñ döwlet ýolbaşçysy Adolf Gitleriñ Germaniýanyñ Türkiýe respublikasyndaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi Won Papeniñ üsti bilen Türkiýäniñ Prezidenti Ismet Inönä gowşurylan bu haty 1941-nji ýylyñ 28-nji fewralynda ýollanypdyr.
Inönüniñ syýasy taýdan özüni alyp barşyndan başlap, murtlaryna çenli simpatiýa duýýandygyny nygtan Gitler: «…bilelikde alyp baran beýik we ykbal kesgitleýji urşuñ ýatlamalary bilen we bu urşy synlaýan güzaply ýyllaryñ ýatlamalary bilen doly ýagdaýda, Size, Germaniýanyñ we Türkiýäniñ arasynda hakyky dostluga esaslanýan hyzmatdaşlyk üçin gelejekde-de ähli mümkinçilikleriñ bardygyna doly ynanýandygymy mälim etmek isleýärin» diýip ýazypdy. Hatda şeýle diýilýär:

*«Hormatly Prezident!*
*Nemes hökümetiniñ isleginiñ tersine we Angliýadyr Fransiýanyñ 1939-njy ýylyñ 3-nji sentýabryndaky uruş yglan etmek baradaky karary bileb nemes halkynyñ boýnuna dakylan uruşda nemes reýhiniñ häzirki maksady Ýewropa yklymynda iñlisleri derbi-dagyn etmekdir. Bu bolsa ýüzlerçe ýyllap dowam edip gelýän Ýewropadaky döwletleri biri-birine garşy küşgürip oýnama metodynyñ soñuna çykmaga şert döretmekden başga zat däldir.*
*Angliýanyñ Ýewropanyñ dürli künjeginde harby artykmaçlyk gazanmaga jan etmegi nemes reýhini bu ýerlerde ýer eýelemäge*

*bolan ýa-da syýasy maksatly haýsydyr bir maksada gönükdirilmedik taýýarlygy görmäge mejbur edýär.*
*Hut şonuñ üçinem Onuñ Alyhezretlerine Gresiýanyñ çäklerine ýerlerine ýerleşmek üçin görülýän iñlis çäreleriniñ barha howatyrlandyryjy ýagdaýa öwrülýän wagtynda bu şertleriñ belli bir derejede talap edýän taýýarlygynda bolmagy makul bilendigimi aýdasym gelýär.*
*Şol sebäpli bolgar hökümetinden Germaniýanyñ Ýaragly Güýçleriniñ goşun bölümlerine munuñ üçin gerekli howpsuzlyk çärelerini geçirmäge rugsat bermegini haýyş edýärin. Öñdenem Germaniýa bilen dostluk gatnaşygynda bolan Bolgariýa bu gatnaşyklary «Üçleriñ paktyna» goşulmak arkaly we görüljek taýýarlygyñ Türkiýä garşy ýönelmejeginden arkaýyn bolup, bularyñ geçirilmegine idin berdi.*
*Menem öz gezegimde Onuñ Alyhezretlerine şu pursatdan peýdalanyp, Germaniýanyñ bu taýýarlygynyñ hiç bir ýagdaýda Türkiýäniñ çäk bitewiligine ýa-da syýasy gurluşyna garşy gönükdirilmändigini aýdasym gelýär. Gaýtam, bilelikde alyp baran beýik we ykbal kesgitleýji urşuñ ýatlamalary bilen we bu urşy synlaýan güzaply ýyllaryñ ýatlamalary bilen doly ýagdaýda, Size, Germaniýanyñ we Türkiýäniñ arasynda hakyky dostluga esaslanýan hyzmatdaşlyk üçin gelejekde-de ähli mümkinçilikleriñ bardygyna doly ynanýandygymy mälim etmek isleýärin.*
*Çünki;*
*Birinjiden, Germaniýa bu ýerlere ýer basyp almaga girenok. Nemes goşunlary ýokarda agzalan howplary aradan aýyrandan soñ dessine Bolgariýa we Prezident Antenosku bilen ylalaşyga gelip, Rumyniýadan çykarlar.*
*Ikinjiden, uruş tamamlanandan soñ Ýewropanyñ ykdysady ýaralaryny bitirmek ugrunda başlajak ykdysady üýtgeşmeler Germaniýany we Türkiýäni islese-islemese gaýtadan ýakyn gatnaşyklara iterer.*
*Bu ugurda möhüm faktor hem Germaniýanyñ öz bähbitlerini diñe öz senagat önümlerini satmaga, şol bir wagtyñ özünde iñ uly alyjy bolmaga gönükdirendigidir.*
*Bulardan başga-da, uruşdan soñ amala aşyryljak täze*

*konsepsiýalaryñ Germaniýany hiç bir ýagdaýda türk hökümetiniñ bähbitlerine garşy getirmejekdigine ynanýaryn. Gaýtam tersine, iki döwletiñ özara ýakynlaşmasy bu ugurda Türkiýäniñem, Ýaranlyk döwletleriniñem (Страны «оси» и их союзники -t.b.) bähbidine bolar.*
*Şonuñ üçin men häzirki bolşy ýaly, gelejekde-de Germaniýa bilen Türkiýäni garşyma-garşy goýup biljek hiç bir sebäbiñ bolmajakdygyny oýlaýaryn. Men bu pikirlerim bilen Bolgariýada öñe hereket edýän nemes goşunlarynyñ türk serhedinden we şol ýerde bolmalarynyñ düýp maksady boýunça*
*ýalñyş düşündirişleriñ bolmagyna şert döretmezligi berk tabşyrdym. Hut şundan ugur alyp, türk hökümeti bizi bu tutumly işimiziñ ugruny üýtgetmäge mejbur etjek taýýarlyk çäreleri kabul etjek bolmasyn.*
*Ýöne bu şeýle bolaýanda-da, Germaniýanyñ Gresiýanyñ çägine ýerleşmegi meýilleşdirýän iñlis taýýarlygyna garşy çykma babatdaky alyp barýan işlerine üýtgeşme girizmezmikä diýýärin.*
*Onuñ Alyhezretleri, meniñ bu hatymy Germaniýa bilen Türkiýäniñ özara gatnaşyklaryny hiç bir ýagdaýda ýaramazlaşdyrmazlyk, gaýtam tersine: mümkin boldugyça gowulaşdyrmak we gelejekde-de iki tarapa hem peýdaly bolar ýaly gurnamak üçin tüýs ýüregimden çykan asylly maksat diýip kabul ediñ.»*/ Taryhy makalalar